# Yslam respublikasy agdarylaýsa, Eýran nämä meňzär?

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 25 января, 2025
Yslam respublikasy agdarylaýsa, Eýran nämä meňzär? YSLAM RESPUBLIKASY AGDARYLAÝSA, EÝRAN NÄMÄ MEÑZÄR?




*Teklip berilen wagtlaýyn hökümetiň Eýranyň baý gurluşyny (köpdürliligini) görkezip bilmeginiň möhüm ähmiýeti bar.*
*Ýurduň onlarça şäherinde ýüze çykan tolgunşyklarda köp sanly raýat wepat boldy.* ***(AFP)***

Yslam respublikasy 43 ýyl bäri häkimiýet başyndadygyna garamazdan, ähli eden işlerinde diýen ýaly şowsuzlyga uçrady. Häzir eýranlylar ýurda dini häkimiýeti getiren 1979-njy ýylyň rewolýusiýasyndan öňki döwüre garanda has az gönençli, has az erkin we megerem has az dindar.
Režimiň ýeke üstünligi bar, olam – özüne kynçylyk döreden her kesi ýa-da her toparlanmany öldürmegi, ýapmagy, türmä atmagy ýa-da sürgüne ýollamagy boldy. Muny şeýle bir derejä çykardy welin, örän az adam häzirki režimiň alternatiwini göz öňüne getirip bilýär.
Tährandaky bir syýasaty öwreniji «Yslam respublikasynyň agdarylyşyny pikirlenmegiň özi kyn» diýýär.
Eýran Yslam Respublikasy din bilen baglanyşykly ideologik gurluş. Munuň alternatiwini-de göz öňüne getirip bolmaýar. Bu

režimiñ çöküşini göz öñüne getirmegiñ özi hakykatdan has beter, hakykatdan has ýokardaky zat.
Yslam respublikasyna garşy gidýänler aýratynam diasporadakylar uzak wagt bäri böleklenen, içerki çekişmeler we ynamsyzlyklar bilen näletlenen ýagdaýda. Emma 22 ýaşly Mahsa Amininiñ öldürilmegi bilen başlan ýurt derejesindäki taryhy topalaña gatnaşyp-gatnaşmazlygy pikirlenen käbir eýranlylar gerimi barha giñeýän protestler bilen geçen galmagally günler üçin çekilen zähmetiñ we pidakärligiñ netijeli soñlanmagy üçin düýpli meýilnamalaryñ öñe sürülmegini isleýär. Demonstratlaryñ biri gürrüñdeş bolanymyzda, «sürgündäki hökümetimiz nirede?» diýip soraýar.
Belki-de, mollalardan soñky Eýranyñ aladasyny etmegiñ wagty geldi. Wenanyñ Halkara Ykdysady Ylmy-barlaglar institutynyñ Eýran boýunça hünärmeni Mahdi Godsi «Liderleriñ nähilidir bir liderlik görkezmegine zerurlyk bar» diýýär.
Bu liderler haýal etmän herekete geçmeli.



*Mahdi Godsi*
Dürli hünärmenler bilen geçirilen duşuşyklarda ýurduñ içinde-daşynda ynamlylygy, dogruçylygy, halk goldawynyñ esasy we wagtlaýyn hökümete ýolbaşçylyk edip ýa-da bir parçasy bolup biljek ukyp-başarnyklary bilen birgiden eýranly öñe çykdy.
Aýallaryñ öñbaşçylyk eden we mejbury başýapynja düzgünine garşy çykylmagy bilen möwç alan hereketiñ öñdebaryjy

şahslarynyñ arasynda ençeme ýyl bäri aýal-gyzlaeyñ hak-hukuklary ugrunda batyrgaý işleri alyp baran tussaglaryñ hak-hukuklary boýunça aklawjylar we aýal-gyzlaryñ hak-hukuklary boýunça aktiwistkalar Nesrin Sotudedir Nergiz Muhammedi-de bar.




*Şirin Ebadi*
Aýratynam häzir sürgünde ýaşaýan eýranly aklawjy, Parahatçylyk boýunça Nobel baýragynyñ eýesi Şirin Ebadi we aýal-gyzlara başýapynjany çykaryp zyñmaga çagyrmakda aýal-gyzlaryñ hak-hukuklary hem-de şahsy azatlyklar boýunça tapawutlylyk görkezmekde aýgytlaýjy rol oýnan nýu-ýorkly žurnalist Masih Alinejad hem bar.




*Ahmet Zeýdabady*
Eýranyñ içinde bolsa ýazyjy Ahmet Zeýdabady, söz azatlygy aktiwisti Hüseýin Ronagi, ölüm jezasynyñ berilmegine garşy çykýan Emadeddin Bagi, talyplaryñ lideri lideri Majid Tawakoli, adam hukuklary boýunca aklawjy Abdylfettah Sultani, awtobus sürüjileri profsoýuzynyñ lideri Reza Şahabi, işçileriñ wekili Ismail Bahşi ýaly öñdebaryjy syýasy strategistler-de bar.




*Emadeddin Bagi*
Olaryñ hemmesi arassa we ynamly aktiwistlerdigine garamazdan, halk köpçüligininñ güýçli goldawyna eýe hakyky syýasatçylar däl. Bular ynançlaryny we başgalaryñ hak-hukuklaryny gorandyklary üçin türmä girip-çykan, şol bir wagtyñ özünde sowukganlylyk, kämillik, liderlik we guramaçylyk ukyplaryny görkezen adamlar.




*Reza Şahabi*
Eýran boýunça hünärmenleriñ biri «aktiwistler öz-özünden gowy liderler bolup orta çykar öýdemok» diýýär.
Häzir tehnokratik tejribä eýe, býurokratiýadan we demokratik oñşukdan baş çykaryp bilýän adamlar gerek.
Režimiñ Eýranyñ iñ köp ýagty geljegi wada berýän oppozision liderleriniñ hemmesini yzygiderli gözastynda saklamagy, olary toslama aýyplamalar bilen ençeme gezek sud jogapkärçiligine çekip, sülçileriñ we sudýalaryñ arasynda gatnatmagy, türmä salyp çykarmagy olary şu ýagdaýa getirdi.




*Hüseýin Ronagi*
Teklip berilen wagtlaýyn hökümetiñ Eýranyñ baý gurluşyny (köpdürliligini) görkezip bilmeginiñ möhüm ähmiýeti bar. Munuñ özi Eýranyñ agyr ýagdaýdaky kürt, arap, buluç ýaly etniki azlyklaryñ wekilleriniñ ýa-da azeri dilinde gürleýän we türki dilli ilatyñ arkasynda durýanlar bilen behaýylyk, hristianlyk, zerduştlyk, jöhitlik ynançlarynyñ, yslamyñ sünni hem-de tasawwuf şahalarynyñ eýerijilerini-de, azlyk dini toparlaryñ wekillerini-de öz içine almagyñ gerekdigini aňladýar.
Öňki hökümdaryñ ABŞ-nyñ Wirjiniýa ştatynda ýaşaýan ogly Ryza Pehlewi diasporanyñ we Eýrandaky eýranlylaryñ arasynda ýokary goldawa eýe. Ol häzirki protestlerde demonstratlar tarapyndan hernäçe az ýatlansa-da, monarhiýanyñ tarapdarlaryna wekilçilik edip biler.




*Ryza Pehlewi*
Dindar eýranlylaryñ endişeleri käbirleri protestleri goldaýandygyny aç-açan mälim eden din adamlarynyñ we tarapdarlarynyñ goşulmagynda ýañzydylyp bilner.




*Hasan Homeýni*
Eýranyñ rewolýusioner gurujysynyñ reformist agtygy Hasan Homeýni we reformalaryñ tarapdary bolan ruhany Fazyl Meýbodi bilen bir hatarda öñki prezident Haşimi Rafsanjaniniñ gyzy Faize Rafsanjani, oppozisioner dini mugallyma Patma Sepehri ýaly şahslar-da bar.



*Faize Rafsanjani*
Olar Eýranyñ dindar ilatyna ünjileriniñ geçiş döwrüniñ hökümetine ýañzydylyp bilinjegine kepillik bermek üçin simwoliki wezipäni boýunlaryna alyp bilerler.




*Fazyl Meýbodi*

Haýsydyr bir geçiş (wagtlaýyn) hökümetinde rol oýnap biljek dünýä derejesinde tanalýan şahslar bar. Bularyñ arasynda Mahsa Amininiñ öldürilmegi bilen gyzyşan protestlere garşy edilýän basyşlary ýazgarandygy üçin döwlete garşy etmişleri etmekde gaýybana aýyplama bildirilen öñki futbol ýyldyzy we tälimçi Ali Karimi-de bar.




*Ali Karimi*

Režimiñ 2020-nji ýylda Ukrainanyñ Howa ýollaryna degişli uçary ünssüz raketa hüjümi bilen urmagy netijesinde maşgalasyny tragiki ýagdaýda ýitiren torontoly diş lukmany Hamed Esmailion Rewolýusion gwardiýanyñ (RG) terrorçy guramalaryñ sanawyna girizilmegi üçin kanadaly ygtyýarlylar bilen üstünlikli lobbi işlerini alyp barypdy. Ol sowukganly, giñ gözýetimli we guramaçylykly lider boljaga meñzeýär.




*Hamed Esmailion*

Muhammet Hateminiñ reformistik hökümeti döwründe Içeri işler ministriniñ orunbasary bolup işlän we demokratik reformalary dowamly geçirmegiñ tarapdary bolan Mustapa Täçzadanyñ süýrenjeñli geçiş döwrüni dolandyrmak üçin gerekli tehnokratik ukyplary bolup biler.




*Mustapa Täçzada*
Mümkün boldugyndan giñ sferalara wekilçilik edýän güýçli oppozisiýanyñ sesi Eýranyñ gelejeginde paýy bolan halkara aktýorlara «beýik lider» Ali Hamaneý agdarylandan soñam bähbitleriniñ goraljagyna kepillik bermek taýdanam çynlakaý ähmiýeti bar.



*Muhammet Hatemi*
Godsi «Diñe ABŞ-dyr Ýewropa bileleşigi bilen däl, Russiýadyr Hytaý bilenem gepleşikleri geçirmek üçin iñ gysga wagtda mümkin bolan güýji toplamalydyr» diýýär.
Russiýany we Hytaýy diñe Günbatar bilen däl, özleri bilenem täzeden hyzmatdaşlyk etjekdiklerine ynandyrmaly. Bular ýaly kepillikler geçiş döwrüni añsatlaşdyrar.
Häzire çenli režimden aýrylma babatda örän az yşarat beren Ýaragly Güýçler Eýrandaky iñ bilniksiz taraplardan biri.



*Habullah Seýýari*
Admiral Habibullah Seýýari ýalylar soňky ýyllarda dogruçyl we garaşsyz hereket edenem bolsa, harby gullukçylaryň köpüsi ýallakçylyk edip gün gördi. Waşingtondaky Pars aýlagynyň arap döwletlerini öwreniş institutynyň (Arab Gulf States Institute) Eýran boýunça hünärmeni Ali Alfoneh yslam respublikasynyň yzyndan bolup biläýjek senariniň Rewolýusion gwardiýanyň baýamaga höwesli gullukçylary tarapyndan dolandyryljak harby diktaturadygyny aýdýar.




*Ali Alfoneh*
Alfoneh «Käbir dini adamlaryny, belki-de, Hamaneýi pida etse, başýapynjany aýyrsa, içgini we tans klublaryny kanunylaşdyrsa, RG diktaturasy iň bolmanda 10 ýyl häkimiýetde galyp biler» diýýär.
RG Yrak Kürdüstanyndan Eýrana alkogolly içgileri getirýän baş brakonýer bolup durýar. Olar diňe gazanja ynanýar, ýalwaja* däl!

Borzu DARAGAHI,
halkara korrespondent / @borzou

17.10.2022 ý.

---

**ýalwaç – kitap getiren pygamber*

https://www.independent.co.uk/independentpremium Publisistika